| | |
|---|---|
| Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy | Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy |

**Döwlet býujet edaralary üçin**
**maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 4**

# „HASABAT DÖWRI TAMAMLANANDAN SOŇKY WAKALAR“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler..........................................................................1-2
Kesgitlemeler................................................................................3-4
Düzediş girizýän wakalar...............................................................5-6
Düzediş girizmeýän wakalar..........................................................7-8
Işiň üznüksizligi.............................................................................9-11
Maglumaty açmak........................................................................12-16
Güýje girýän senesi.........................................................................17


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady:

a) edaranyň hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalary hasaba almak bilen, nähili ýagdaýlarda maliýe hasabatlylygyna düzediş girizmelidigini; we

b) maliýe hasabatlylygyny çykarmak üçin tassyklanan sene, şeýle hem hasabat senesinden soň bolup geçen wakalar babatynda kärhananyň açmaly bolan maglumatlaryna bildirilýän talaplary kesgitlemekden ybaratdyr.

Mundan başga-da, şu standart, hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar işiň üznüksizligi baradaky ýol bermeleriň ýerlikli däldigini görkezýän bolsa, edaranyň özüniň maliýe hasabatlylygyny işiň üznüksizligi baradaky ýol bermeleriň esasynda düzmeli däldigini talap edýär.

2. Edara şu standarty hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalary hasaba almak we açmak üçin ulanýar.

## KESGITLEMELER

4. Şu standartda peýdalanylýan adalgalaryň şunuň ýaly manylary bardyr:

**Hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar –** bu hasabat senesi bilen maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesine çenli aralykdaky döwürde bolup geçýän amatly hem-de amatsyz wakalardyr. Şunuň ýaly wakalaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

a) hasabat senesindäki ýagdaýa görä bar bolan şertleri tassyklaýan wakalar (hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizýän wakalar); we

b) hasabat döwri tamamlanandan soň ýüze çykan şertlere şaýatlyk edýän wakalar (hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalar).

**Hasabat senesi –** maliýe hasabatlylygynyň degişli bolan hasabat döwrüniň iň soňky gününiň senesi.

4. Köp ýagdaýlarda edaranyň ýolbaşçysy maliýe hasabatlylygyny maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tabşyrmaga borçlydyr. Şeýle ýagdaýlarda maliýe hasabatlylygy onuň bu peýdalanyjylara tabşyrylan güni çykarmak üçin tassyklandy diýip hasap edilýär.

## DÜZEDIŞ GIRIZÝÄN WAKALAR

5. Edara hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizýän wakalary görkezmek üçin, maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine düzediş girizmelidir.

6. Aşakda hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizýän wakalaryň mysallary getirilýär, edara bu wakalary maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine düzediş girizmek ýoly bilen, ýa-da ozal maliýe hasabatlylygynda ykrar edilmedik maddalary ykrar etmek ýoly bilen hasaba almaga borçlydyr:

a) hasabat döwri tamamlanandan soň kazyýetde seredilýän jedeliň çözülmegi, edaranyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä bar bolan borçnamasyny tassyklaýar. Edara şu kazyýet jedeli bilen baglanyşykly, ozal "Baha berilýän gorlar" DBEMHMS-yna laýyklykda ykrar edilen baha berilýän gora düzediş girizýär;

b) hasabat döwri tamamlanandan soň aktiwiň hasabat senesindäki ýagdaýa görä gymmatynyň gaçandygyna ýa-da hasabatda ozal ykrar edilen, şu aktiwiň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgä düzediş girizmek zerurlygyna şaýatlyk edýän maglumatyň alynmagy. Mysal üçin:

hasabat döwri tamamlanandan soň bergidaryň batmagy adatça hasabat senesindäki ýagdaýa görä debitor algysy boýunça ýitginiň bolandygyny we debitor algynyň balans gymmatyna düzediş girizmek zerurlygyny tassyklaýar; we

hasabat döwri tamamlanandan soň ätiýaçlyklaryň ýerlenmegi olaryň hasabat senesindäki ýagdaýa görä mümkin bolan ýerlenmeginiň arassa gymmatynyň tassyknamasy bolup hyzmat edip biler;

ç) hasabat döwri tamamlanandan soň hasabat senesinden öň satyn alnan aktiwleriň ýa-da hasabat senesinden öň satylan aktiwleri ýerlemekden gelip gowuşmalaryň gymmatynyň kesgitlenmegi;

d) hasabat döwri tamamlanandan soň hasabat döwründe girdejileriň ýygnalan pul möçberleriniň kesgitlenmegi, olar hasabat döwründe hereket eden, girdejileri bölmek hakyndaky ylalaşygyň çäklerinde beýleki döwlet dolandyryş edarasy bilen paýlaşylmalydyr;

e) eger hasabat senesindäki ýagdaýa görä, edaranyň hasabat döwri senesinden öň bolup geçen wakalar bilen baglanyşykly şunuň ýaly tölegleri geçirmek babatynda hukuk borçnamasy, ýa-da göz öňünde tutulýan borçnamasy bar bolsa, işgärlere baýrak bermek üçin tölegleriň ululygynyň hasabat döwri tamamlanandan soň kesgitlenmegi;

ä) maliýe hasabatlylygynyň dogry däldigini tassyklaýan aldawçylyk

ýagdaýynyň ýa-da ýalňyşlyklaryň ýüze çykarylmagy.

## DÜZEDIŞ GIRIZMEÝÄN WAKALAR

7. Edara hasabat döwri tamamlanandan soňky düzediş girizmeýän wakalary görkezmek üçin maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine düzediş girizmeli däldir.

8. Hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalaryň mysallary:

a) edaranyň emläge adalatly gymmatyna çenli yzygiderli gaýtadan baha bermek syýasatyny kabul eden mahalynda, hasabat senesi bilen maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesine çenli aralykdaky döwürde adalatly gymmatyň peselmegi;

b) jemgyýetçilik hyzmaty boýunça anyk maksatnamalary dolandyrmaga jogapkär edaranyň hasabat döwri tamamlanandan soň, ýöne maliýe hasabatlylygy tassyklanmazyndan öň bu maksatnamalara gatnaşyjylara goşmaça hyzmatlary gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn etmegi/paýlamagy çözýän mahaly.

## IŞIŇ ÜZNÜKSIZLIGI

9. Eger hasabat döwri tamamlanandan soň maliýe hasabatlylygy düzmek üçin jogapkär adamlar ýa-da ýolbaşçylyk edarany ýatyrmagy, ýa-da onuň işini bes etmegi karar eden bolsa, ýa-da onda şundan başga ýol ýok bolsa, edara maliýe hasabatlylygyny işiň üznüksizligi barada ýol bermeleriň esasynda düzmeli däldir.

10. Eger işiň üznüksizligi barada ýol bermeler mundan beýläk ýerlikli bolmasa, şu standartda edaranyň ony özüniň maliýe hasabatlylygynda görkezmegi talap edilýär. Şunuň ýaly üýtgemäniň netijesi edaranyň anyk ýagdaýlaryna, mysal üçin, edaranyň wezipeleriniň başga döwlet edarasyna berilmegine, satyljagyna ýa-da ýatyryljagyna bagly bolar. Aktiwleriň we borçnamalaryň balans gymmatyny üýtgetmegiň zerurlygyny kesgitlemek üçin garaýyşlar talap edilýär.

11. Eger işiň üznüksizligi barada ýol bermeler mundan beýläk ýerlikli bolmasa, edaranyň ýagdaýyndaky üýtgemäniň goşmaça borçnamalaryň döremegine ýa-da bergi borçnamalarynyň maddalarynyň belli bir bergileriň gündelik borçnamalara gaýtadan topara bölünmegine getirýän hereketlerine getirýändigine ýa-da getirmeýändigine hem seredilmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

12. Edara maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesini we ony kimiň tassyklandygyny açmalydyr. Eger maliýe hasabatlylygy çykarylandan soň beýleki edaranyň oňa düzediş girizmäge hukugy bar bolsa, edara bu ýagdaýy açmaga borçlydyr.

13. Eger edara hasabat döwri tamamlanandan soň, ýöne maliýe hasabatlylygy çykarmak üçin tassyklanmazyndan öň hasabat senesindäki ýagdaýa görä bar bolan şertler hakynda täze maglumaty alan bolsa, onda edara alnan täze maglumaty

hasaba almak bilen, bu şertler baradaky açyp görkezmeleri takyklamalydyr.

14. Käbir ýagdaýlarda, bu maglumat maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine täsir etmeýän hem bolsa, hasabat döwri tamamlanandan soň, ýöne maliýe hasabatlylygy çykarmak üçin tassyklanmazyndan öň alnan maglumatlary görkezmek üçin maliýe hasabatlylygynda açylmalary takyklamak edara üçin zerur bolup durýar.

15. Eger hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalar olaryň açylmazlygy maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylaryň degerli baha bermegi geçirmäge we çözgüt kabul etmäge bolan ukyplaryna täsir edip biljek derejede ähmiýetli bolsa, edara hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalaryň her bir möhüm topary boýunça aşakdaky maglumatlary açmaga borçlydyr:

a) wakalaryň häsiýetini; we

b) onuň maliýe netijelerine berilýän bahany ýa-da şunuň ýaly baha bermegiň mümkin däldigi baradaky beýannamany.

16. Hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän, adatça aşakdaky maglumatlaryň açylmagyna getirýän wakalaryň mysallary:

a) adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan emlägiň gymmatynyň adatdan daşary ýokary möçberde peselmegi, eger peselme emlägiň hasabat senesindäki ýagdaýy bilen baglanyşykly bolman, eýsem hasabat döwründen soň ýüze çykan ýagdaýlar sebäpli bolup geçen bolsa;

b) hasabat döwri tamamlanandan soň edara özüniň dolandyrýan jemgyýetçilik hyzmaty boýunça maksatnamalaryna gatnaşyjylara geljekde düýpli goşmaça hyzmatlary gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn etmegi/paýlamagy karar edipdir we bu goşmaça hyzmatlar edara uly täsir edýär;

ç) gözegçilikdäki esasy edaranyň satyn alynmagy ýa-da çykyp gitmegi ýa daşarky guramalar bilen kömekçi şertnamalaryň esasynda edara tarapyndan häzirki wagtda amala aşyrylýan ähli işiň ýa-da ähli işiň diýen ýaly ýerine ýetirilmegi;

d) aktiwleriň uly möçberlerde satyn alynmagy ýa-da çykyp gitmegi;

e) hasabat senesinden soň bolan ýangynyň netijesinde edaranyň esasy binasynyň ýok bolmagy;

ä) edara ýa-da maksatnamanyň bölegi hökmünde adamlara berlen karzlaryň geçilýändigi hakynda kanunçylygyň kabul edilmegi;

f) hasabat döwri tamamlanandan soň aktiwleriň gymmatynda ýa-da pullaryň çalşyk hümmetinde bolup geçen adaty däl uly üýtgemeler;

g) girdeji salgydy ýa-da ekwiwalent salgyt salynmaga degişli edaralar babatynda salgyt möçberlerindäki ýa-da salgyt kanunçylygyndaky hasabat döwri tamamlanandan soň girizilen, gündelik we gaýra goýlan salgyt aktiwlerine we borçnamalaryna täsir edýän üýtgemeler;

h) diňe hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen wakalar bilen baglanyşykly uly möçberli kazyýet derňewleriniň başlanmagy.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

17. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart jemgyýetçilik bölegi üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 14 „Hasabat senesinden soňky wakalar“ (IPSAS 2007) laýyklykda işlenip düzüldi, muňa şular girmeýär:

käbir bölümleriniň düşnükli bolmagy üçin olara düzediş girizildi;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, 4-nji bölümde maliýe hasabatlylygyny tassyklamak işine goşmaçalar girizildi;

"Diwidendler" we "Gurluş taýdan üýtgedip gurmak" bölümleri aýryldy;

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.